***Mälim bolşy ýaly, mekdebe çenli çagalar edaralarynda tomus sagaldyş möwsümini guramagyň aýratynlyklary bolýar. Çagalar bagynda tomusky çäreler, adatça, çagalaryň saglygyny berkitmäge, gözýetimlerini giňeltmäge we işjeň dynç alşy gurnamaga gönükdirilen saglygy goraýyş çärelerini öz içine alýar.***

Taplama çäreleriniň esasy ugurlary bedenterbiýe we saglyk işleri, daşky gurşawa söýgini terbiýelemek, oýun, aýdym-saz, teatr çäreleri bolup durýar. Tomusky sagaldyş möwsümini guramak gyzyklanma, göwnaçma çäreleriniň gün tertibini düzmekden, taplama çärelerini ýola goýmakdan, terbiýeçilik-sagaldyş çärelerine gözegçilik etmekden ybaratdyr.

Körpeler bilen açyk howada geçirilýän çäreler gün tertibinde göz öňünde tutulan irki maşklaryň, gezelençleriň çäginde guralýan dürli hereketli oýunlaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Tomusda çagalar dürli bedenterbiýe we saglyk oýunlaryny oýnamagy gowy görýärler. Bu oýunlary birnäçe görnüşe bölmek bolar: işjeň oýunlar, sport oýunlary we sport enjamlaryny ulanyp oýnalýan oýunlar. Mysal üçin, kowalaşmak, gizlenpeçek, ýere çyzylan gözeneklerden bökmek, futbol, woleýbol, halka bilen oýnamak, ýüpden bökmek ýaly oýunlary çagalar uly höwes bilen oýnaýarlar. Çagalar baglarynyň oýun meýdançalarynda taplama çärelerini geçirmek üçin taýýarlanylan ýörite ýodajyklarda körpeler bilen açyk howada gezelençler guralýar. Şunuň ýaly çäreleriň irki ýaşdan başlap geçirilmegi körpeleriň bedeniniň berkemeginde, hereket işjeňliginiň artmagynda, olaryň ruhubelent, şadyýan kemala gelmeginde uly ähmiýete eýedir.

Çagalar bagynda tomus dynç alyşynyň dürli-dürli çärelere beslenmegi, çagalar üçin gyzykly we peýdaly oýunlaryň gurnalmagy olaryň saglyklaryny berkitmekde, döredijilik ukyplaryny ösdürmekde, daşky gurşaw barada oňyn garaýyş döretmekde möhümdir. Umuman, çagalaryň söýgüsini gazanmak her bir terbiýeçiniň baş aladasy bolmalydyr. Terbiýeçileriň guraýan okuw-terbiýeçilik, taplama işleriniň hemmesi çagalara bolan mähir-söýgä, ynsanperwerlige gönükdirilen bolmalydyr.

**Gulfiýa ATAJANOWA,**
**Daşoguz şäheriniň 14-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

Все права защищены

save pdf date >>> 26.01.2026